# Sonam bilen (degişme goşgy)

Category: Degişmeler,Goşgular
написано kitapcy | 2 апреля, 2025



*Tazykdyrma höwrümi,*
*Diňletmäwer böwrümi,*
*Ýatlap juwan döwrümi,*
*Çaý içsem sonam bilen.*

*Ummanda bile ýüzüp,*
*Näz edýäň gözüň süzüp,*
*Şanyna şygyr düzüp,*
*Çaý içsem sonam bilen.*

*Saýrar käkiliň taýy,*
*Ýaz bolar gyşyň aýy,*
*Ykbalyň beren paýy,*
*Çaý içsem sonam bilen.*

*Gurbat biýr goja göwne,*
*Guwanyp bagtly ömre,*
*Hüwdüläp, agtyk üwräp,*
*Çaý içsem sonam bilen.*

***Weli GUZULYÝEW,***
***Bereket şäheri.***